# Barypýatan, aňrybaşy romantiki gussa / monolog-hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Barypýatan, aňrybaşy romantiki gussa / monolog-hekaýa
BARYPÝATAN, AŇRYBAŞY ROMANTIKI GUSSA




*Simwolizmiň çakdanaşa muşdaklaryna bagyşlanýar.*
…Kalbymyň ötlem-ötlem ýollaryny sökeläp, ýüregimiň ýumagyny gamgyn beýnim bilen çöşläp, men enweri geljege tarap bakýaryn…
Geljegim röwşenem bolsa, meniň köňlüm garaňky…
Men gamgyn…
Sebäbi gapdalky otagda kimdir biri, özüniň nämälim, syrly işlerine gümra bolup, ogry pişik deýin çybşyldaýar.
Kim ol?
Eýemi?
Myhman?!
Ýa-da belki ol, ýüzüniň deregine ap-ak gurçuklar müňňüldeýän, eýmenç-betnyşan didaryny ýaşyl mata bölejigi bilen örten, müňýyllyk şäheriň bendiwany bolup ynsanyýetiň taryhynda galan dokmaçy ussadyr?!
Mata bölejigi…
Ejap nikabymy ol?!
Ýa-da Rebbil-Älemi tarapyn gaýypdan inderilen hakyky däl-de,

ynsan aňynyň badyhowa garadangaýtmazlygy bilen döredilen ýalan paýgamberligiň nyşany?!
Ýa-da weliligiň?
Ýa-da jadygöýlügiň?
Ýa-da käfirligiň?
Ýa-da müşrikligiň?!
Ýa-da…
Hemmesiniň birden…
Ýa-da…
Merwli betbagt senetkär, pis açandygy zerarly daş-töwereginden keşbini gizlemäge mejbur bolan Hekimiň ogly Haşymyň hut ýeke özüniň şahsy musallady…
Kofe içesim gelýär…
Özem: “Kahve cehennem gibi siyah, ölüm kadar güçlü, aşk kadar tatlı olmalı” diýilýän, hüýt-gara läbik ýaly ajysyndan, iki eliň aýasyna zordanjyk sygýan, up-ullakan bir bulgury…
Ýa-da: “Bir fincan kahvenin kırk yıl hatırı vardır” diýilýän, içeniňe kyrk ýyl geçenden soňam, ýatlap-hatyralap ýörer ýalysyny…
Ýöne, beýle kofe jahanyň ýüzünde barmyka?!
Ol-a kofe ekeni, şu zamanda adamyň, hatda ata-enesiniň hatyrasynam kyrk ýyllap tutýan barmyka?!
Ýokdur.
Sebäbi, “Jähennemde ot ýok, her kes özüniň ýakyljak odunyny ýany bilen eltmeli” diýlip, “Dünýe” atly kimdir bir juda jellat biriniň hususy kärhanasy açylyp, oňa “adam” diýlen ştrih-kod bilen aňladylan personalyň rekrutingi başlananda, girelgäniň agzynda bildiriş asylypdy…
Ýeriň ýüzünden ýitip giden garabaş-şumerler aýtmyşlaýyn: “Tannur – bu dünýä”!…
Tan – öý, nur – ataş!
Tamdyr – ataşyň öýi…
Ýöne, bu zatlar hiç…
Ýa-da çih…
Ýa-da ýorunja…
Ýa-da orsyça aýtsaňam “ýerunda”…
Esasy zat: Men enweri geljege tarap bakýaryn…

Geljegem aýnadan maňa bakýar…
Gözleri älemgoşar reňkli, gaşlary gaýym müçeneklenen, ýaňaklary gülgüne, ýüzi terje…
Aşyk men, ol maňa garaýan maňa…
Ömrümiň ötlem-ötlem ýollaryny, kalbymyň buljum derelerininiň üsti bilen geçip, elim kofeden püre-pür bulgurly, dähedem-dessemläp barýan her demimde men ony synlap-synlap doýup bilmeýän…
Ganyp bilmeýän…
Elimdäki lüýk-palçyk, gantsyz kofämdenem…
Enweriliginden ýaňa üznüksiz lapykeçlik basmarlap, tükeniksiz agymy tutdurýan ömrümdenem…
Aýnadan maňa bakýan şeýle ajaýyp, älemgoşar göreçli özümdenem…
Belanyň körügem Weronikada…
Sebäbi onuň özüni asasy gelýär…
Ýa-da, on altynjy gatdan şeýle nepis kaddy-kamatly, göreniň gözüni özünde ägindirýän, syrtlak, göwüslek göwresini oklasy gelýär…
Ýa-da, saçakçylara garşy sepilýän merezden ep-eslini hüýt-gara kofesine garyp içesi gelýär…
Garaz, nätse-de Weronika eýdip-beýdip, bir alajyny tapyp ölmeli…
Sebäbi, dagda jadygöý mesgen tutunypdyr.
Ýa-da ýüzüni ýaşyl mata bölejigi bilen örteli bäri özüni çyny bilen tanabbidir öýdýän mutanabbi…
Ýa-da diňe düşnüksiz hem ýalan sözleýän weli…
Ýa-da pelsepe daşynyň yşgynda me jenun – jynhana bolup giden alkimýaçy…
Ýa-da eýe…
Ýa-da myhman…
Olaryň haýsam bolsa birini agtaryp tapmalam, ýüz ýyla çeken ýalňyzlykdan soň özüniň hiç kime gerekmez, hiç kimiň hat ýazmaýan, ýok goşunyň balköýnegidini undan horaz çopany…
Ýöne, Weronikanyň bu pişesi başa barmaz…
Sebäbi onuň ýaşaýan obasynda hemme jaýlar ýeke gat…
Eý Hudaý!
Nähili kyn!

Hatda ölmek üçinem şähere gitmeli…
Sebäbi diňe şol ýerde özüňi oklamak üçin amatly we şunuň ýaly hyzmatlar “mugt” diýen tarifli köp gatly jaýlar bar…
Obada bolsa, diňe horazlar, näçe özelenip sms ýollasa-da hiç kimiň yzyna jogaplamaýan serheňi, onsoňam jadygöýümi, alhimigimi ýa-da ýüzüň betnyşan bolsa dakynylýan ýaşyl perdänimi agtaryp ýören çopan bar…
Onsoňam, şol çopanamy ýa-da horaz bakýan serkerdämi pynhan aşyk bolan Weronika bar. Olam, öz-özüne gümra. Haçan görseň özünden özgäniň gözüne görünmeýän myhmanlary bilen lakgyldaşyp ýör…
Men bolsa…
Eýýäm yzyny özüňizem bilýänsiňiz-le…
Röwşen geljegime bakýan…
Olam älemgoşar gözlerini öwşün atdyryp maňa…

Postskriptum:
Ýazyp bolup okadym.
Nähili bulam-bujar…
Estagfurulla!
Şoňa-da şükür…

Postpostskriptum:
Kofe içesim gelýä…
Ölüp barýan…
Sebäbi, şonsuz heýç haçanam barypýatan aňrybaşy romantiki gussa bolup bilmez.
Öýkünýänlerde-de şeýle…
Öýkünmeýänlerde-de…
Mundan buýanky beýlekilerde-de…
Onsoňam…
Hökman…
Weronikanyň özüni asasy gelmeli…
Ýöne, bu-da…
Juda…
Juda…
Sebäbi, ýekegat obada…

…On alty gat näme işlesin…
Nätmeli?!
Estagfurulla!
Elbetde, röwşen geljege bakmaly.
Olam älemgoşar gözlerini çerreldip saňa…

© *Tapbatçy Ýepbekçiýew* Satiriki hekaýalar